# Adam ömri

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Adam ömri ADAM ÖMRI

Çagalykdan gaýtdyk, zaryn agladyk,
Eje gujagynda rahat ukladyk,
Ak süýde ulaldyk, kemala geldik,
Şeýdip, her ýyl bir ýaşy-da doldurdyk.

Bir ýaş, iki ýaş, soñra üç ýaşy,
Doldurdyk, garaşdy çagalar bagy,
Ejemiz ellerden tutup äkitdi,
Şeýdip, geçdi ajap çaga ýyllary.

Ýetdik ýedi ýaşa ynha-da mekdep,
Birinji synp, iki, soñra üçünji.
Mekdepde ilkinji dostlar edinip,
Şeýdip, doldurypdyk, ýaş on birinji.

Ýetginjek ýaşa-da basdyk gadamy,
Kämillik ýyllary iñ gowy döwür.
Şu zatlar her kimiñ başyndan geçen,
Şeýdip, ýaş ilerläp, geçýär bu ömür.

On sekiz, on dokuz, soñ ýigrimi ýaş,
Bu ýaşda içiñde dörär duýgular.
Oglandan bir gyza, gyzdan oglana,
Şeýdip, yşga düşer bu ýaş göwünler.

Soñra hat ÿazylar, sözler diýiler,
Ilkinji söýgüñe, söýgä duýular,
Yşk oduna ýanyp, bişip köýüler,
Şeýdip, many tapar kämil ömürler.

Ýigrimi bäş ýaşa ahyr ÿetiler,
Söÿgüliñe nika ýüzük dakylar,
Onuñ bilen bagt ýolu-da geçiler,

Şeýdip, otuz ÿaşa gadam basylar.

Çagalaram bolar, oglan ýa-da gyz,
Oña ata, ene mähri beriler.
Oglumjan, gyzymjan bolar atlary,
Şeýdip, garrylyk hem seni çagyrar.

Kyrka ser urarsyñ, güýjüñ azalar,
Soñra kyrk bäş ýaşyña-da ÿetersiñ.
Garrarsyñ, biliñ hem bükülip başlar,
Şeýdip, çagalarña mätäç bolarsyñ.

Altmyş bolar ýaşyñ, soñra altmyş üç,
Pygamber ýaşa-da, ýetdiñ diÿiler.
Indi sen sakgally ýaşuly bolup,
Şeýdip, il-içinde hormat goýular.

Nesip etse ýetmiş ýaşa bararsyñ,
Belki, segsen, togsany hem görersiñ,
Pikir geler kelläñe ölüm hakda,
Şeýdip, bu dünÿäden ötüp gidersiñ.

Ömrüñde çagalyk, ýaşlyk ÿyllary,
Garrylygy hem kämillik ÿyllary,
Görersiñ ählisin gözleriñ bilen,
Şeýdip, ýaşap, ötersiñ ölüm bilen.

Isa HOJAMERDANOW.

31.05.2019 16:07 пользователь «Isa Isco» <iscojan0@gmail.com> написал. Goşgular